# “Mundan urdum gylyjy, arapda şaňlar ujy” edilmese ýagşy

Category: Kitapcy,Magtymgulyny öwreniş,Nukdaýnazar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
“Mundan urdum gylyjy, arapda şaňlar ujy” edilmese ýagşy
«MUNDAN URDUM GYLYJY, ARAPDA ŞAÑLAR UJY» EDILMESE ÝAGŞY



“Magtymguly ýeňňesini alypmy?!» diýen makalam beýle uly çekişme döreder diýip pikir etmändim. Munuň özi halkymyzyň Magtymguly Pyragynyň döredijiligine nähili uly hormat goýýandygynyň subutnamasy. Edil şu nukdaýnazardan ***men makalamy okap, teswir ýazanlara, oňa seslenenlere minnetdarlyk bildirýärin***. Sözümiň başynda aýdaýyn: Eger meniň makalamda aýdýan pikirim anyk ylmy maglumat bilen tankyt, ýa inkär edilse begenerdim, Hatda maglumatlar ***subutnamaly bolsa pikirimden dänmäge hem*** taýyn bolardym. Ýöne makalaňda getiren delilleriň bölek-büçek mysal alnyp, getirýän öz “subutnamalaram çen-çak bilen aýdylýan bolsa näme» diýjegiňi bilmän galýarsyň. Sözümi uzaldyp oturmaýyn. Kakajan Balkanowyň “Magtymguly” diýip adym tutsalar” diýen makalasy “Magtymguly ýeňňesini alypmy?!» diýen makalamda beýik akyldar şahyrymyz

Magtymguly Pyragynyň ýeňňesi Akgyzy alandygy hakyndaky şu çaka çenli ylymda, çeper döredijilikde beýan edilen pikirleriň dogrudygyny, ýöne şahyryň ýeňňesini alanda, şerigat kanuna laýyklap alandygyny beýan edýän ylmy garaýşyma şübhe bildiripdir. Kakajan Balkanowyň bu makalasyny okap, oňa jogap bermegi müwessa bildim. Ilki bilen bu awtor meniň bu makalamy doly okamandyr ýa-da oňa dogry düşünmändir. Beýik akyldar Magtymgulynyň ýeňňesini alandygy hakyndaky mesele geçen asyryň 30-njy ýyllaryndan bäri ylymda, çeper döredijilikde gozgalyp, ykrar edilip gelinýän mesele. Men diňe öňden ykrar edilen meseläniň dogrudygyny tassyklap, pikirimi şeýle jemledim: *“Pyragynyň ýeňňesine dakylandygy baradaky söhbeti jemlesek, Abdyllanyň, Mämmetsapanyň dereksiz ýitendigine doly göz ýetirilip, bu iki doganyň ýitenine azyndan 10 ýyl geçensoň, olaryň patasy alnyp, takmyn, 1755-56-njy ýyllardan soň, Magtymguly agasy Mämmetsapanyň aýaly Akgyza dakylypdyr diýip, netije çykarsa bolar. Magtymgulynyň maşgalsynyň, il-gününiň başyna düşen agyr betbagtçylyk üçin ýeňňesi Akgyzy almaga razylyk berendigine şübhelenmeýäris”.*

K.Balkanow şu pikiriň niresine düşünmedikä?! Men bu awtoryň “ýeňňä dakylmak meselesini gozmaklygyň (gozgamaklyk diýjek bolan bolaýmasa) matlaby nämekä?!” diýip, yzyndan özüçe pikir (beýik akyldar hakynda beýle pikirleri kelläme-de getirip biljek däl, özüňiz okap göräýiň, toba edýän) ýöredipdir. Düşnüksiz ýazanam bolsaňyz, şu sowalyňyza dogry düşünendirin diýip jogap bereýin. Magtymguly – türkmeniň milli guwanjy. Magtymgulynyň terjimehalyny dogry öwrenmek edebiýat öwreniş ylmynyň baş wezipesi. Magtymguly Pyragy **Puşkin, Şekspir, Rabindrat Tagor** ýaly dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna uly goşant eden **türkmeniň milli şahyry**. Häzir dünýä edebiýatynda ady agzalan şahyrlaryň maşgala-durmuşy barada gürrüň ýok, olaryň nirede kim bilen çaý içendigi, kimleri söýendigi, kimlerden öýkeländigi ýaly ownujak durmuş pursatlaram ýazylýar, beýan edilýär. Biz näme üçin türkmeniň beýik akyldary Magtymguly hakyndaky ylmy pikirlerimizi halkymyza, okyjylarymyza beýan etmeli däl?!

Indi bagşylar ürç edip aýtsa-da, häzire çenli siziň aýdyşyňyz ýaly, çap edilen neşirlerde, diwanlarda duşmaýan, awtory näbelli diýýän Magtymgulynyň “Menden eliňi çek dünýä” atly şygry hakynda şuny aýtmak isleýärin. I.Belýaýew 1904-nji ýylda “Gyzykly golýazma” atly gysgajyk makalasyny Daşkentde çykýan

“Turkestanskiýe wedomosti” atly gazetde çap etdirýär. Awtor bu makalasynda: *“Zakaspi oblastynda Garrygalanyň töwereginde ýaşaýan türkmenleriň arasynda meşhur şahyr* ***Magtymgulynyň ullakan golýazmasy saklanýar****. Bu gyzykly edebi ýadygärlikde türkmen halk poeziýasynyň örän täsin nusgasyna gabat gelinýär”* diýip ýazypdyr. Awtoryň ýazmagyna görä, şol golýazma göçürilip almak üçin her ýyl Aşgabatda geçirilýän halk sudlarynyň gurultaýyna getirilýän eken. Bu golýazmanyň soňky ykbaly belli däl. Magtymgulynyň külliýatynyň (şahyryň bir kitaba jemlenip ýazylan eserine «Külliýat», ýagny «Eserler ýygyndysy» diýilýär) bolandygyny A.Samoýlowiç “Magtymgulynyň aýdymlarynyň görkezijisi” atly işinde tassyklap, şeýle ýazýar: *“Zakaspiý oblastynda* ***Magtymgulynyň külliýatyny kän gözledim, netije bermedi****. Ýöne 1906-njy ýylda Merwde bir molla maňa Mäne obasynda birine degişli şahyryň külliýatyny öz eli bilen göçürip alandygyny habar berdi hem Magtymgulynyň şol göçüren külliýatyny ärsary bir molla okamaga berendigini aýtdy” (Zapiski wostoçnogo otdeleniýa Imperatorskogo russkogo arheologiçeskogo obşşestwo. T. 19, wyp. 4. Spb. Sah. 9-11.).* Görnüşi ýaly, A.N.Samoýlowiç Mäne obasynda Pyragynyň külliýatynyň bolandygyny tassyklapdyr. Dünýä ýüzünde iki sany gündogarşynas rus alymy (diňe mysal alanymyz iki, aslynda Krymskiý we beýleki gündogarşynaslaram tassyklaýar) 110-120 ýyl mundan öň milli şahyrymyz Magtymgulynyň dört adamyň göteren külliýatynyň-poeziýa toplumynyň bolandygyna şaýatlyk edýär. Professor **Nazar Gullaýewiň, Kakajan Ataýewiň** we beýleki käbir halypa alymlarymyzyň rus gündogarşynas alymlaryna salgylanyp tassyklamagyna görä, geçen asyryň birinji onýyllygynda şahyryň **dört adam bolup göterilen külliýatynyň** her şygry dört-bäş bentden hasaplanyňda hem, azyndan on müň şygyrdan az däldigi aýdylýar. Beýik akyldarymyz Magtymgulynyň häzire çenli çap edilen **ähli döredijiligi 700 töweregi goşgy bolup**, takmynan, 15 müň setire barabardyr. Gynansagam, bagşylar ürç edip aýtsa-da, şahyryň 30 golaý, şol sanda “Menden eliňi çek dünýä” şygry heniz hiç bir ýerde neşir edilmändir. Şahyryň neşir edilmedik şygryny goşanyňda hem, Magtymgulynyň ylym dünýäsine belli bolan şygyrlary 725-den geçmeýär. Geliň, indi anyk hasap çykaralyň. Rus gündogarşynas alymllaň anyk ýazmagyna görä, geçen asyryň birinji onýyllygynda Magtymgulynyň külliýatynda azyndan on müň goşgy bolup, edil häzir onuň sany 725-de ýetmeýän bolsa, beýik

akyldaryň azyndan 93% golaý döredijiliginiň häzir biziň elimizde ýokdugyny görkezýär. Meniň mysal getiren bu şygrym:

*Kerbelada uruş teblin kakdylar,*
*Garyby agladyp, baýy bakdylar,*
*Magtymguly, meni ýeňňä dakdylar,*
*Köp ýalbarýan menden eliňi çek dünýä.*

Gylyç Müllüniň 214 goşgusy däl, halkyň dilinden (has anygy bagşylardan gelip ýeten) ýazylyp alnan. Bagşy Döwlet Ballykow bu aýdymy köne halypalaryň aýdyşy ýaly aýdypdyr. Ol "Ýa deňleşdir, ýa ýeňsäňe dyk dünýä" diýip, siziň aýdyşyňyz ýaly oýun edip aýdylýan setir däl. Tä garaşsyzlyk zamanamyza çenli bu goşgy dini şygyr hökmünde neşir edilmedi. Dogry häzire çenli hem dürli säwlik bilen bu şygyr Magtymgulynyň goşgusy hökmünde neşir edilenok. Ýöne bu şygryň çeperçiligi goşgynyň Magtymgulynyňkydygyna şühbe goýanok. Professor Nazar Gullaýew "Gynnansagam, klassyk şahyrlaryň şygyrlarynyň azyndan 70%- ti bagşylaryň aýdym edip aýtmagy bilen biziň günlerimize gelip ýetipdir. Emma bagşylaryň klassyk şahyrlarymyzdan aýdýan aýdymlarynyň belli bir böleginiň neşire alynmazlygy gaty geň" diýip ýazypdy. Hawa, häzire çenli neşire alynmasa-da, ussat Sahy Jepbarow, Orazgeldi Ylýasow ýaly halypa bagşylaryň toý märekede Magtymgulynyň şygry diýip aýdan "Menden eliňi çek dünýä" şygrynyň awtorynyň näbellidigini size kim aýtdy ýa siziň özüňiz ylmy derňew etdiňizmi?! Siz şahyryň "Menden eliňi çek dünýä" şygryny awtory näbelli diýip aýdýarsyňyz. Emma edil meniň mysal alan şygrym ýaly şahyryň halk dilinden ýazylyp alnam "Ýalydyr" goşgusynyň şu setirini pikiriňize subutnama bolmasa-da mysal alypsyňyz:

*Namysly göç ýigit alsa ýeňňäni,*
*Elmydam agasy ölen ýalydyr.*

Men ýene size şol bir sowaly bermekçi. Hiç golýazmada bolmadyk, halkyň dilinden ýazylyp alnan, bagşylaryň ürç edip aýdýan şygyrlarynyň birine awtory näbelli, beýlekisine şahyryň şygry diýip, anyk netijä gelmegiňize näme sebäp boldy?! Makala ýazmazyňyzdan öňürti şahyryň şygyrlary hakynda dürli pikir

etmän, anyk bir netijä gelmeli ekeniňiz. Hatda Siz makalamdan kemçilik tapjak bolmagyň hatyrasyna “D.Ýazgulyýew Magtymguly Akgyza öýlenmän, alypdyr diýip düşündirýär, ýagny haryt alan ýaly alypdyr” diýip, öz deliliňiziň örän gowşakdygy üçin meniň sözlerimi “kesä çekmekden” başga alajyňyzam galmandyr. Ýöne size ünsli okasaňyz, makalamda Magtymguly ýeňňesini alypdyr, öýlenipdir, dakylypdyr diýen sözleriň bardygyna hem göz ýetirersiňiz. Awtor Atamyrat Atabaýewden mysal getirip, “Halk aýtsa galp aýtmaz, “Galp aýtsa, halk aýtmaz” diýýär. Bizem bu pikir bilen ylalaşýas. Sahy Jepbar ýaly ussat köneden habarly bagşynyň ýoluny dowam etdirip, bagşylarymyzyň häzirem ürç edip aýdýan aýdymy Magtymgulyňky däl diýmäge size näme esas berdi, ýa tutuş bagşylar halkyň wekili dälmi?!

Hormatly Kakajan Balkanow siz makalaňyzyň soňuny şeýleräk jemläpsiňiz: *“Soňky 30-40-njy ýyllaryň dowamynda (bu jümläňde many gümürtik) Günbatarda, GDA-da “Folk fistory” atly akym emele geldi we bütin dünýä haşal oty kimin ýaýrady. Bu akymyň maksady ata-babalarymyzyň taryhyny, edebiýatyny, medeniýetini, dinini ýoýmak, tradision ylym taglymatyny inkär edip, ýalan ýa barlagdan geçmedik materiýallary hakyky ylym işi edip görkezmeklik. Aý näme, “Tokaý otla at gazan” diýenmişler. Her kim öz ýörelgesi bilen çorba çykjak bolýandyr-da”*.

Men Kakajan Balkanowyň daşary ýurtdaky akymlary örän gowy bilip, türkmençe ýazmakda köp säwlik goýberýändigine gynandym. “Çorba çykjak bolýandyr-da” diýýän “söz düzümiňize” nähili düşünmeli?! Dünýä, dünýä ylmyna goşulyp barýan türkmen ylmynda hem siziň aýdyşyňyz ýaly “tradision ylym” diýen düşünje ýok. Gynansagam, meniň makalam tankyt etmek maksadyndan ugur alnyp çen-çaka esaslanýan bu makalaň sözbaşysam nädogy ýazylypdyr. Makalaň ady beýik akyldaryň “Berme pelege” atly şygrynyň bir setiri, diýmek başganyň sözi. **Başganyň sözi tutuşlygyna goşa dyrnak içine alnyp ýazylmaly?!** Gynansagam, şeýle makalalaryň derejesine **“Mundan urdum gylyjy, arapda şaňlar ujy”** diýilýär. Men awtoryň çen-çak bilen edýän “tankytlarynyň” her birine takyk jogap berip biljek. Ýöne ony ***wagt ýitirmek hasap edýärin***. Asla awtoryň şu makalany ýazyp haýsy pikiri öňe sürjek bolanam belli däl?! Ýöne awtoryň bilmeýän meselesi

hakynda ýazandygyna welin, şübhäm ýok.
Ylym ösýär, özgerýär. Beýik akyldar Magtymgulynyň döredijiligi soňky on bäş ýylda döwlet ýolbaşçylarymyzyň hemaýaty bilen bütinleý täzeden, dünýä ylmynyň halkara derejesine laýyklykda öwrenilip, şahyryň hakyky terjimehaly dikeldildi. Indiden beýläk milli şahyrymyz Magtymgulynyň maşgala-durmuşy hem dogry, hem anyk öwrenilip, halka ýetiriler. Sebäbi Magtymgulynyň döredijiligini öwrenip, halkymyza ýetirmek, dünýä ýaýmak biziň alymlarymyzyň baş wezipesi. Biziň makalarymyzy okaýan okyjylardan etjek haýyşym teswiriňiz, belligiňiz adalatly bolsa ýagşy. Biz Magtymgulyny öz gözöňümize getirşimiz ýaly öwrenjek bolmaly däl. Ony hakyky bolşunda öwrenmeli. Magtymguly beýik şahsyýet, türkmeni dünýägaraýyş tarapdan birleşdiren milli şahyr, ýöne olam adam. Halkymyzyň, şol zamandaky türkmen jemgyýetiniň kanunyna boýun bolan ynsan. Birnäçe gezek nygtap belleýşim ýaly, Magtymgulynyň ýeňňesini alandygy hakyndaky pikiri men tarpdan oýlap tapamok. Ýöne öňden bar bolan bu pikiri ylmy maglumat esasynda anykladym, takykladym. Şu mesele boýunça üçünji makalam. Şerigat düzgüninde parahat döwürde ynsan ýitse, ölendigi barada hiç bir delil bolmasa, onuň aýaly azyndan 62 ýyl garaşmaly diýilýär. Emma uruş ýa haýsydyr bir betbagtçylyk ýagdaýynda ýiten erkek adamyň aýaly dört ýyldan gowurak (dört ýyl alt aý, sekiz aý diýilýär, garaz, bäş ýyla ýetenok) wagt geçensoň, eger onuň äriniň diriligi hakynda delil bolmasa, bedbagtçylyk hadysasynda ýiten yitig ynsan merhum hasaplanyp bilinýär. Nedir şa 1747-nji ýylda aradan çykandan soňra, Magtymgulynyň ýaşan mekanynda hem tä Agamuhammet şa (Ol şa1770-nji ýyldanam has soň Eýran tagtyna çykýar) Eýran şasy bolynça, häkimlik elden-ele geçip, Mämmetsapanyň ýiten zamanlary ýurt uruş-bedbagtçylyk ýagdaýynda diýmäge doly esas bar. Şerigat kanunyny Azadynyň has gowy bilendigine şühbelenmese bolar.
Şu getiren delillerimden daşgary öňem beýan eden şu pikirlerim Magtymgulynyň ýeňňesini alandygy ýa almandygy baradaky jedele anyk jogap bolsa gerek. “Magtymguly” romanyň awtory bolan Türkmenistanyň Halk ýazyjysy Gylyç Kulyýew SSSR-iň Eýrandaky

ilçihanasynda dürli wezipelerde işlän ýyllarynda **şahyryň ýakyn garyndaşlary bilen duşup**, şahyryň maşgala-durmuşy barada köp zady anyklap, bu ussat ýazyjy: *“Gynansagam, şahyryň döredijiligine ýüzlensegem, onuň dogan-garyndaşlarynyň gürrüňlerine esaslansagam, hatda rowaýatlara salgylansagam Magtymgulynyň ýeňňesi Akgyzy alandygyny ykrar etmekden başga alajymyz ýok”* diýer ekeni. Beýik akyldar Magtymgulynyň **enebaşga dogany, Gaýrygulynyñ altynjy nesli** Ata işan hem şahyryň ýeňňesini alandygyny tassyklady. Ýöne Magtymguly barada ýazylan ylmy işlerde, çeper eserlerde aýdylyşy ýaly, onuň dogany Abdylla ýitip, ýyly geçip-geçmänkä hem, Magtymguly ýeňňesine dakylanok. Magtymgulynyň iki dogany Mämmetsapa hem Abdylla dereksiz ýitýär. Abdylla hojalygy bilen göçüp gidip ýitýär. Mämmetsapa bolsa onuň yzyndan gidip, dereksiz ýitýär. Mämmetsapa ýitenden, takmyn on ýyl geçensoň, onuň gelmejegine umyt üzülip, diňe şondan soň, belki, onuň amanadyny tabşyran habary eşidilip, Mämmetsapanyň öldi patasy alnandan soňra, Magtymguly ýeňňesine dakylypdyr diýip aýtsa bolar. Magtymgulynyň maşgala-durmuşy hakyndaky şu mesele okyjylar üçinem has düşnükli bolandyr diýip umyt edýäris.

Döwletmyrat ÝAZGULYÝEW. Magtymgulyny öwreniş